# MAKUL HABAR

atawatanhabar@gmail.com | ATAVATAN TÜRKMENISTAN | IÝUL AÝYNYŇ 5-i, 2025. №26


# TÜRKMENISTANDA BMG-NIŇ DEŇZE ÇYKALGASY BOLMADYK ÖSÜP BARÝAN ÝURTLAR BOÝUNÇA ÜÇÜNJI MASLAHATY GEÇIRILER



**Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda döwlet durmuşyna degişli birnäçe meselelere seredildi.**

Iki bilen, Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa döwrüň talaplaryna laýyk gelýän kanun taslamalaryny taýýarlamak boýunça alnyp barylýan işler barada maglumat berdi. Bellenilişi ýaly, şu ýylyň 28-nji iýunynda Türkmenistanyň Mejlisiniň ýedinji çagyrylyşynyň dokuzynjy maslahaty geçirildi. Onda ýurdumyzda raýat-hukuk gatnaşyklaryny kämilleşdirmek, adam hukuklaryny we azatlyklaryny hemde kanuny bähbitlerini goramak, saýlaw ulgamyny döwrebaplaşdyrmak bilen baglanyşykly birnäçe kanun taslamalary ara alnyp maslahatlaşyldy we kabul edildi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar boýunça üçünji maslahatyna taýýarlyk işleri, hususan-da, bu forumy ýokary guramaçylyk derejesinde geçirmek babatda görülýän çäreler barada aýtdy. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiziň garamagyna degişli Kararyň taslamasy hödürlenildi.

Hormatly Prezidentimiz Ministrler Kabinetiniň agzalaryna ýüzlenip, häzirki wagtda şu ýylyň 4 – 8-nji awgusty aralygynda "Awaza" milli syýahatçylyk zolagynda bu halkara maslahaty geçirmek boýunça taýýarlyk işleriniň alnyp barylýandygyny aýtdy. Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlaryň ykdysady mümkinçiliklerini artdyrmaga, sebitara we halkara söwda gatnaşyklaryny giňeltmäge ýardam etjek bu forumy ýokary derejede geçirmek maksady bilen, döwlet Baştutanymyz Birleşen Milletler Guramasynyň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar boýunça üçünji maslahatyny geçirmek hakynda Karara gol çekdi hem-de bu ugurda degişli işleri alyp barmagy tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Amanow "Türkmengaz" döwlet konserniniň maddy-enjamlaýyn binýadyny has-da pugtalandyrmak boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, ýangyç-energetika pudagyny ösdürmek, nebitgaz ýataklaryny gözlemek, ýüze çykarmak hem-de netijeli özleşdirmek boýunça zerur işler amala aşyrylýar. Şunda önümçilige innowasion tehnologiýalaryň, ylmyň soňky gazananlarynyň ornaşdyrylmagyna möhüm ähmiýet berilýär. Munuň özi takyk maglumatlary almaga, guýularyň gurluşyny öwrenip, oňyn çözgütleri kabul etmäge mümkinçilik berýär. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer pudagy geofiziki enjamlaryň döwrebap görnüşleri bilen üpjün etmek bilen bagly taýýarlanylan degişli teklibi hormatly Prezidentimiziň garamagyna hödürledi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Annamämmedow gözegçilik edýän toplumynda, hususan-da, Awtomobil ýollarynyň gurluşygyny dolandyrmak baradaky döwlet agentligi tarapyndan 2025-nji ýyl üçin iş meýilnamasyna laýyklykda ýerine ýetirilýän işler barada hasabat berdi. Nygtalyşy ýaly, häzirki wagtda awtomobil ýollarynyň ösen ulgamyny döretmek, ýolgurluşyk işini ösdürmek, döwrebap, dünýä standartlaryna laýyk gelýän täze awtomobil ýollaryny, köprüleri gurmak boýunça amala aşyrylýan işleriň çäklerinde ýurdumyzyň welaýatlarynyň awtomobil ýollarynda gurluşyk we abatlaýyş işleri dowam edýär. Şeýle hem agentligiň iş meýilnamasy boýunça awtomobil köprüleriň gurluşyk-gurnama işleriniň guramaçylykly dowam edýändigi barada aýdyldy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary N.Atagulyýew milli halyçylyk pudagyny mundan beýläk-de ösdürmek ugrunda alnyp barylýan işler barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda "Türkmenhaly" döwlet birleşiginiň çeper halyçylyk kärhanalarynyň işiniň netijeliligini has-da ýokarlandyrmak maksady bilen, olaryň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak, zerur bolan çig mallar bilen bökdençsiz üpjün etmek boýunça netijeli çäreler görülýär. Munuň özi öndürilýän önümleriň hilini ýokarlandyrmaga ýardam berer. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer hormatly Prezidentimiziň garamagyna degişli teklibi hödürledi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Seýidowa ýurdumyzyň muzeýleriniň işini döwrüň talabyna laýyklykda kämilleşdirmek boýunça durmuşa geçirilýän çäreler barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, Diýarymyzyň iri muzeýlerine «Wirtual muzeý» sanly ulgamyny ornaşdyrmak arkaly gaýybana syýahat etmäge, muzeýlerde bar bolan gymmatlyklar bilen ýakyndan tanyşmaga mümkinçilik döredilýär. Şunda Arkadag şäheriniň Taryhy we ülkäni öwreniş muzeýine gelýän myhmanlaryň mobil telefonlarynyň üsti bilen gymmatlyklar bilen tanyşmaklary üçin döwrebap QR-kodlaryň ornaşdyrylmagy bellenilmäge mynasypdyr. Muzeý gymmatlyklaryny toplamak, muzeý gaznasyny baýlaşdyrmak muzeý işiniň esasy ugurlarynyň biri bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, arheologlar tarapyndan taryhy-medeni ýadygärliklerde geçirilýän gazuw-barlag işleriniň dowamynda ýüze çykarylýan tapyndylar doly öwrenilenden soň, döwlet muzeýlerine yzygiderli tabşyrylýar.

Hormatly Prezidentimiziň şu ýylyň maýynda Astanada geçirilen "Merkezi Aziýa – Italiýa" görnüşindäki birinji sammitde Italiýanyň Rim şäherinde "Medeniýetleriň gülläp ösüşi: bürünç zamanyndaky Margiana we Parfiýa şalygy. Türkmenistandaky arheologik açyşlar" atly arheologik sergini guramak barada beýan eden başlangyjyndan ugur alnyp, häzirki wagtda bu sergini ýokary derejede geçirmek üçin degişli işleriň alnyp barylýandygy barada hem aýdyldy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Orazdurdyýewa ýurdumyzda şypahana dynç alşyny ösdürmek boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, "Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 – 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyna", "Türkmenistanda şypahana ulgamyny ösdürmek boýunça 2021 – 2025-nji ýyllar üçin Milli maksatnama" laýyklykda, ýurdumyzyň şypahana ulgamyny ösdürmäge gönükdirilen toplumlaýyn işler amala aşyrylýar.

Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktory M.Çakyýew ýurdumyzda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň we innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmagyň çäklerinde ýerine ýetirilýän işler barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, "Türkmenaragatnaşyk" agentligi tarapyndan halkara guramalar bilen sanly ykdysadyýeti ornaşdyrmak boýunça tejribe alyşmak we hyzmatdaşlygy ösdürmek maksady bilen degişli işler alnyp barylýar. Şunda BMG-niň Ösüş maksatnamasyna möhüm orun degişlidir. Bu işleriň çäklerinde halkara derejede tejribe alyşmaga, öňdebaryjy tejribeleri öwrenmäge, bu ugurda hünärmenleri taýýarlamaga möhüm ähmiýet berilýär. Şunuň bilen baglylykda, agentligiň ýolbaşçysy döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli teklibi hödürledi.

Mejlisde döwlet durmuşyna degişli başga-da birnäçe möhüm meselelere seredildi we olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi.

## TÜRKMENISTAN YHG-NIŇ 17-NJI SAMMITINE GATNAŞDY

Hankendi şäherinde Türkmenistanyň Daşary işler ministri Raşid Meredowyň ýolbaşçylygyndaky Türkmenistanyň wekiliýeti Ykdysady hyzmatdaşlyk guramasynyň (YHG) "Durnukly we howanyň üýtgemegine durnukly geljek üçin YHG-niň täze garaýşy" atly 17-nji sammitine gatnaşdy. Çäräniň dowamynda sammitiň köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy güýçlendirmek, tagallalary utgaşdyrmak we durnukly, inklýuziw we deňagramly ösüşi üpjün etmäge gönükdirilen ylalaşylan çözgütleri işläp düzmek üçin ýokary derejeli platforma öwrülendigi bellenildi.

Türkmenistanyň Daşary işler ministri R.Meredow öz çykyşynda 2035-nji ýyla çenli YHG-na agza ýurtlaryň ykdysady hyzmatdaşlygynyň maksatlaryny we ileri tutýan ugurlaryny kesgitlemäge niýetlenen täze maksatnama resminamasynyň kabul edilmeginiň ähmiýetini belledi.

Türkmenistan ileri tutulýan ugurlaryň hatarynda täsirli logistika ugurlaryny döretmegi, energiýa üpjünçilik ugurlaryny diwersifikasiýalaşdyrmagy, ýaşyl energetikany ösdürmegi, söwdany ösdürmek babatyndaky päsgelçilikleri aýyrmagy, maýa




goýumlary çekmegi hem-de häzirki zaman tehnologiýalar we innowasiýalar pudagynda hyzmatdaşlygy giňeltmegi kesgitläp, YHG-nyň çäginde köptaraplaýyn hyzmatdaşlyk ýörelgelerine ygrarlydygyny tassyklady. ●2

## "AWAZA" FORUMY: AFRIKA DÖWLETLERI BILEN TELEFON SÖHBETDEŞLIGI

Ozal hem habar berlişi ýaly, şu ýylyň awgust aýynda Türkmenistan döwletimizde Birleşen Milletler Guramasynyň howandarlygynda iri halkara maslahaty geçiriler. Ol hem BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar boýunça üçünji maslahaty bolup durýar. Bu iri halkara foruma dünýäniň köp sanly ýurdundan ýokary derejeli wekiliýetleriň gatnaşmagyna garaşylýar.

Ine, şeýle uly göwrümli halkara forumy taýýarlyk görülýän döwründe Türkmenistanyň daşary syýasat edarasy tarapyndan hem degişli işler geçirilýär. Muňa Türkmenistanyň daşary işler ministriniň Afrika döwletleriniň daşary syýasat edaralarynyň ýolbaşçylary bilen geçiren telefon arkaly söhbetdeşlikleri hem aýdyň mysaldyr.

Mali Respublikasy: Türkmenistanyň Daşary işler ministri Raşid Meredow bilen Mali Respublikasynyň Daşary işler we halkara hyzmatdaşlygy ministri Abdulaý Diopyň arasynda telefon arkaly söhbetdeşlik geçirildi. Gepleşikleriň dowamynda iki ýurduň daşary syýasat edaralarynyň ýolbaşçylary türkmen-mali hyzmatdaşlygynyň ileri tutul-



ýan ugurlary, şeýle hem BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar boýunça üçünji maslahatyna (LLDC 3) taýýarlyk meselelerini ara alyp maslahatlaşdylar. ●2

# Azerbaýjanyň Prezidenti türkmen wekiliýetini kabul etdi



Azerbaýjan Respublikasynyň Prezidenti Ilham Alyýew Hankendi şäherinde Türkmenistan Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri Raşid Meredowy kabul etdi.

Raşid Meredow, Ilham Alıvewe türkmen halkynyň milli lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň hem-de Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň mähirli salamyny ýetirdi. Prezident Ilham Alyýew hoşniýetli arzuwlar üçin minnetdarlyk bildirdi we türkmen halkynyň Milli Liderine hem-de Türkmenistanyň Prezidentine we doganlyk türkmen halkyna iň gowy arzuwlaryny ýetirmeklerini haýyş etdi.

Garabagda geçirilen abatlaýyş we gurluşyk işleriniň özünde uly täsir galdyrandygyny belläp, Türkmenistan Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary bu sebitiň tebigy gözelligine haýran galýandygyny aýtdy.

Duşuşykda iki ýurduň arasyndaky nergetika, ulag, medeni-ynsanperwer, ylym-bilim we beýleki ugurlarda hyzmatdaşlyk gatnaşyklary barada giňişleýin pikir alşyldy. Hususan-da, Türkmenistanyň Azerbaýjanda Medeniýet günleriniň, Azerbaýjanyň Türkmenistanda Medeniýet günleriniň geçiriljekdigi bellenildi.

# Baku şäherinde türkmen-owgan hyzmatdaşlygy ara alnyp maslahatlaşyldy



2025-nji ýylyň 3-nji iýulynda Türkmenistanyň daşary işler ministri Raşid Meredowyň ýolbaşçylygyndaky Türkmenistanyň wekiliýetiniň Azerbaýjan Respublikasyna amala aşyran saparynyň çäginde ykdysady meseleler boýunça Owganystanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarynyň wezipesini ýerine ýetiriji Abdul Gani Baradar bilen duşuşyk geçirildi.

Duşuşygyň dowamynda söhbetdeşler syýasy-diplomatik we söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk pudagyndaky wajyp meseleleri ara alyp maslahatlaşdylar. Energetika, ulag-aragatnaşyk hyzmatdaşlygyna aýratyn üns berildi. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistan – Owganystan – Pakistan – Hindistan (TOPH) transmilli gaz geçirijisiniň, Türkmenistan – Owganystan – Pakistan (TOP) elektroenergetiki we optiki süýmli aragatnaşyk ulgamynyň gurluşygy bilen bagly birnäçe soraglara garaldy.

# TÜRKMENISTAN YHG-NIŇ 17-NJI SAMMITINE GATNAŞDY

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Şunuň bilen baglylykda, energiýa çeşmeleriniň ygtybarly daşalmagyny üpjün etmek we sebitiň energiýa howpsuzlygyny berkitmek maksady bilen YHG-na agza ýurtlaryň energetika syýasatlaryny utgaşdyrmak boýunça mehanizmi döretmek mümkinçiligine garamak teklip edildi.

YHG-nyň ulag-üstaşyr mümkinçiliklerini ösdürmek maksady bilen ulag-logistika ulgamlaryny mundan beýläk hem birleşdirmek boýunça iş alyp barmak teklip edildi.

Söwda-senagat edaralarynyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň mümkinçiliklerinden peýdalanmagyň üsti bilen işewür toparlaryň arasyndaky göni gatnaşyklary işjeňleşdirmegiň maksadalaýykdygy hem bellenildi.

Mundan başga-da, medeni-ynsanperwer gatnaşyklaryň işjeňleşdirilmeginiň YHG-nyň sebitiniň mundan beýläk hem birleşmegi we gülläp ösmegi üçin binýady berkitjekdigi nygtaldy.

Çärä gatnaşyjylar Sammitiň netijeleriniň YHG-na agza ýurtlaryň arasynda özara bähbitli hyzmatdaşlygy has-da çuňlaşdyrmaga goşant goşjakdygyny bellediler.




### SAMMITIŇ ÇÄGINDE IKITARAPLAÝYN DUŞUŞYKLAR GEÇIRILDI

Ykdysady hyzmatdaşlyk guramasynyň 17-nji Sammitiniň çäginde Türkmenistanyň Daşary işler ministri Raşid Meredow Pakistan Yslam Respublikasynyň Daşary işler ministri Muhammad Ishak Dar bilen duşuşdy.

Işjeň häsiýetli söhbetdeşligiň dowamynda daşary syýasat edaralarynyň ýolbaşçylary türkmen-pakistan gatnaşyklarynyň häzirki ýagdaýy we ösdürmegiň geljegi bilen baglanyşykly meseleleriň giň toplumyny ara alyp maslahatlaşdylar. Özara gyzyklanma bildirilýän sebit we halkara meseleler boýunça hem pikir alyşyldy.

Taraplar Türkmenistan-Owganystan-Pakistan-Hindistan (TOPH) transmilli gaz geçirijisi, Türkmenistan-Owganystan-Pakistan (TOP) elektroenergetiki we optiki



süýmli aragatnaşyk ulgamy ýaly sebit taslamalarynyň ähmiýetini nygtadylar.

Şol gün Birleşen Arap Emirlikleriniň Senagat we öňdebaryjy tehnologiýalar ministri Soltan Ahmed Al Jaber bilen gepleşikler geçirildi.

Duşuşygyň çäginde taraplar energrtika ulgamynda, husasan-da gaz pudagynda hyzmatdaşlygyň geljegini ara alyp maslahatlaşdylar.

### TÜRKMENISTAN NIGERIÝA DIPLOMATIK GATNAŞYKLARY ÝOLA GOÝMAGY TEKLIP ETDI

Azerbaýjanyň Baku şäherinde Türkmenistanyň daşary işler ministri Raşid Meredow bilen Nigeriýa Federatiw Respublikasynyň býujet we ykdysayd meýilnamalaşdyryş ministri Abubakar Atik Bagudunyň arasynda duşuşyk geçirildi.

Gepleşikleriň barşynda Türkmenistan bilen Nigeriýanyň arasyndaky hyzmatdaşlygy ösdürmäge gönükdirilen giň gerimli meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy.

Şunuň bilen baglylykda, ikitaraplaýyn gatnaşyklary ýygjamlaşdyrmak maksady bilen, Türkmenistanyň daşary işler ministri niger tarapyna Türkmenistan bilen Nigeriýa Federatiw Respublikasynyň arasynda diplomatik gatnaşyklary ýola goýmagy teklip etmek bilen diplomatik notany hem-de degişli ikitaraplaýyn resminamanyň taslamasyny gowşurdy.

# STAMBUL ŞÄHERINDE TÜRKMENISTANYŇ EKSPORT HARYTLARYNYŇ SERGISI GEÇIRILDI





Türkiýäniň ykdysady we söwda merkezleriniň biri hasaplanýan Stambul şäherinde Türkmenistanyň eksport harytlarynyň sergisi geçirildi. Bu sergi ýurdumyzyň ykdysady ösüşlerini we önümçilik mümkinçiliklerini halkara derejesinde tanyşdyrmagy mümkinçilik berdi.

Açylyş dabarasy Türkmenistan we Türkiýe Respublikasynyň milli senalarynyň ýerine ýetirilmegi bilen başlandy, soň bolsa türkmen öndürijileriniň ägirt uly mümkinçiliklerini açyp görkezýän çykyşlar başlandy. Serginiň ýokary tehnologiýalary, innowasiýa ösüşlerini we öňdebaryjy tejribäni alyşmak üçin täsirli platforma boljakdygy bellendi. Açylyş dabarasyna Türkiýäniň söwda ministri Ömer Bolatyň gatnaşmagy aýratyn ähmiýet berdi. Çykyşynda iki ýurduň arasyndaky söwda we ykdysady gatnaşyklaryň çalt depginde ösýändigini aýtdy.

Ministr Bolat: "Esasy maksadymyz, 5 milliard dollarlyk maksatly söwda mukdaryna gysga wagtda ýetmek" -diýdi. Şu ýylyň ilkinji 6 aýynda Türkmenistan bilen Türkiýäniň arasyndaky söwda dolanyşygynyň takmynan 26,3% ýokarlanyp, 2,2 milliard dollara ýetdi. Ýylyň ahyryna çenli bu görkezijiniň 3 milliard dollardan geçmegine garaşylýar. Iki ýurduň Prezidentleriniň öňde goýan ägirt uly maksadyna ýetmek üçin ikitaraplaýyn söwdada deňagramlylygy saklamak we önümleriň dürlüligini ýokarlandyrmak möhümdir" – diýdi.

Türk ministri energetika pudagyndaky hyzmatdaşlyga hem aýratyn ähmiýet berip, 2024-nji ýylyň 1-nji martynda gol çekilen tebigy gaz pudagynda hyzmatdaşlyk etmek hakyndaky ähtnama laýyklykda, türkmen tebigy gazynyň Türkiýä iberilip başlanandygyny, şeýle hem türkmen gazynyň Türkiýäniň üsti bilen Ýewropa bazaryna çykarmagyň diňe bir ykdysady däl, eýsem döwletleriň arasyndaky strategik hyzmatdaşlyk babatda hem möhümdigini belledi.

Sergi eksport üçin hödürlenýän ýokary hilli önümleriň giň toplumyny hödürleýär. Bu ýere gelýänler senagat we oba hojalyk enjamlaryny we ätiýaçlyk şaýlaryny, gurluşyk materiallaryny, durmuş we elektron enjamlaryny, öý goşlaryny, dokma önümleriniň köp görnüşini we beýleki dürli harytlary we hyzmatlary görüp bilerler. Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň dürli pudaklarynda amala aşyrylan uly göwrümli özgertmeler diňe bir daşary ykdysady gatnaşyklaryň ösmegi üçin däl, eýsem halkara işewürligi üçin täze maýa goýum mümkinçiliklerini açýar.

Sergi Aşgabadyň Türkiýe bilen işewür hyzmatdaşlygy güýçlendirmekdäki aýratyn ähmiýetini aýdyň görkezýär. Serginiň çäklerinde söwda we ykdysady gatnaşyklaryň ösüşiniň Türkmenistan bilen Türkiýe Respublikasy bilen hyzmatdaşlykda esasy ileri tutulýan ugurlardan biridigini tassyklaýan köp sanly ikitaraplaýyn duşuşyklar geçirildi.





# "Awaza" forumy: Afrika döwletleri bilen telefon söhbetdeşligi

Merkezi Afrika Respublikasy: Türkmenistanyň Daşary işler ministri Raşid Meredow bilen Merkezi Afrika Respublikasynyň Daşary işler, frankofoniýa we daşary ýurtdaky merkezi afrikalylaryň işleri boýunça ministri Silwi Baýpo Temonyň arasynda telefon arkaly söhbetdeşlik geçirildi. Taraplar ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň häzirki ýagdaýy we geljegi, şeýle hem BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar boýunça üçünji maslahatyna (LLDC 3) görülýän taýýarlyk işleri barada pikir alyşdylar.

Malawi Respublikasy: Türkmenistanyň Daşary işler ministri Raşid Meredow bilen Malawi Respublikasynyň Daşary işler ministri Nensi Tembonyň arasynda telefon arkaly söhbetdeşlik geçirildi. Söhbetdeşligiň dowamynda daşary syýasat edaralarynyň ýolbaşçylary ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň häzirki ýagdaýyny we mundan beýläk hem ösdürmegiň mümkinçiliklerini ara alyp maslahatlaşdylar. Özara gyzyklanma bildirilýän dürli ugurlardaky hyzmatdaşlygy giňeltmek babatynda özara ygrarlylyk beýan edildi. Ministrler halkara we sebit gün tertibiniň wajyp meseleleri boýunça pikir alyşdylar. Gepleşikleriň dowamynda BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar boýunça üçünji maslahatyna (LLDC 3) taýýarlyk bilen baglanyşykly meselelere aýratyn üns berildi.

Niger Respublikasy: Türkmenistanyň Daşary işler ministri Raşid Meredow bilen Niger Respublikasynyň Daşary işler, hyzmatdaşlyk we daşary ýurtdaky nigerlileriň işleri boýunça ministri jenap Bakari Ýau Sangareniň arasynda telefon arkaly söhbetdeşlik geçirildi. Söhbetdeşligiň dowamynda ministrler iki ýurduň arasynda özara gyzyklanma bildirilýän ugurlarda hyzmatdaşlygy ösdürmegiň mümkinçiliklerini ara alyp maslahatlaşdylar. Türkmenistan bilen Niger Respublikasynyň daşary syýasat edaralarynyň arasynda yzygiderli gatnaşyklary ýola goýmagyň zerurlygy bellenildi. Söhbetdeşlikde üstümizdäki ýylyň awgust aýynda Türkmenistanda geçiriljek Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar boýunça üçünji maslahata taýýarlyk meselelerine aýratyn üns berildi.

Burkina-Faso: Türkmenistanyň Daşary işler ministri Raşid Meredow bilen Burkina-Fasonyň Daşary işler, sebit hyzmatdaşlygy we daşary ýurtlardaky burkinalylaryň işleri boýunça ministri jenap Karamoko Žan-Mari Traoreniň arasynda telefon arkaly söhbetdeşlik geçirildi. Taraplar Türkmenistan bilen Burkina Fasonyň arasyndaky ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň ösüşiniň geljegine garadylar. Daşary syýasat edaralaryň ýolbaşçylary üstümizdäki ýylyň awgust aýynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda geçiriljek Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar boýunça üçünji maslahatyna taýýarlyk meselelerine aýratyn üns berdiler.

Zambiýa Respublikasy: Türkmenistanyň Daşary işler ministri Raşid Meredow bilen Zambiýa Respublikasynyň Daşary işler we halkara hyzmatdaşlygy ministri Mulambo Haimbäniň arasynda telefon arkaly söhbetdeşlik geçirildi. Telefon arkaly söhbetdeşligiň dowamynda syýasy-diplomatik we söwda-ykdysady ugurlardaky ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň mundan beýläk hem ösdürilmegi barada pikir alyşyldy.

# SIMGE WE EDIS ARKADAG ŞÄHERINDE KONSERT BERDI

**Arkadag şäheriniň açylmagynyň 2 ýyllygy mynasybetli geçirilen aýdym-sazly baýramçylyk dabarasy köpöwüşginliligi bilen tapawutlandy. Daşary ýurtlaryň meşhur aýdymçylarynyň çykyş etmegi baýramçylyk dabarasynyň täsirliligini has-da artdyryp, oňa gatnaşyjylar üçin ajaýyp sowgat boldy. Daşary ýurtly aýdymlaryň hatarynda doglanlyk Türkiýe Respublikasynyň meşhur aýdymçylary hem bar. Olar Simge Sagyn we Edis Görgülü.**

**Meşhur aýdymçy hem-de kompozitor Simge Sagyn Arkadag şäherindäki konsertde özüniň meşhur aýdymlary bilen tomaşaçylarda uly gyzyklanma döretdi. Ol aýdym-saz muşdaklaryna meşhur bolan «Miş Miş», «Yankı», «Ben Bazen», «Öpücem» ýaly birnäçe aýdymlaryny ýerine ýetirdi.**




**Köp sanly abraýly baýraklaryň eýesi bolan Simge Sagyn «Altın Kelebek» we Radio Boğaziçi Music Awards ýaly bäsleşikleriň ýeňijisidir.**

**Şeýle hem Arkadag şäherindäki baýramçylyk dabarasynda Edis Görgülü hem özüniň meşhur aýdymçylary bilen çykyş etdi. "Roman", "Martılar", "Nirvana" we "Yalancı" ýaly aýdymlary bilen uly meşhurlyk gazanan aýdymçy Edisiň aýdymlary dürli aýdym-saz meýdançalarynda millionlarça gezek diňlenildi.**

**Türk hem-de beýleki döwletleriň aýdymçylarynyň türkmen sungat ussatlary bilen bilelikde geçiren konsert maksatnamasy şäheriň ýaşaýjylarynda we myhmanlarynda ýatdan çykmajak pursatlar döretdi.**

# SEBITARA HYZMATDAŞLYGYŇ TÄZE SAHYPASY AWAZADA AÇYLAR

Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň halkara hyzmatdaşlyk syýasatynyň çäklerinde ýurdumyzyň halkara giňişliginde tutýan orny barha giňeýär. Munuň aýdyň mysaly hökmünde, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň karary bilen, 2025-nji ýylyň 5-8-nji awgusty aralygynda Türkmenistanyň "Awaza" milli syýahatçylyk zolagynda Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji halkara maslahaty geçiriler.

Bu çözgüt dünýä derejesindäki möhüm meseleleriň çözgüdinde Türkmenistanyň eýeleýän ornunyň we abraýynyň barha artýandygynyň hem-de ýurdumyza bildirilen ynamyň beýanydyr. Şeýle hem bu maslahat sebitara hyzmatdaşlygyň täze sahypasyny açyp, hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine uly itergi berer.

Maslahatyň maksady – deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlaryň ykdysady mümkinçiliklerini artdyrmak, ulag we logistika ulgamlaryny ösdürmek, sebitara we halkara söwda gatnaşyklaryny ösdürmek hem-de şol ýurtlaryň dünýä ykdysadyýetine doly derejede goşulyşmagyna ýardam bermekdir.



Foruma BMG-niň agza ýurtlaryndan, halkara maliýe guramalaryndan, sebit birleşmelerinden ýokary derejeli wekiliýetleriň gatnaşmagyna garaşylýar. Şeýle hem halkara bilermenleriň, ylmy jemgyýetçiligiň we işewür toparlaryň gatnaşmagynda maslahatlar, tegelek stollar we ikitaraplaýyn duşuşyklar guralar.

Maslahatda ulag geçelgeleri, serhetüsti söwda, energiýa üpjünçiligi, azyk howpsuzlygy, sanly ykdysadyýet we howanyň üýtgemegi ýaly möhüm meseleler ara alnyp maslahatlaşylar.

Bu halkara çäre Türkmenistanyň diňe bir sebitara hyzmatdaşlykda däl, eýsem dünýä derejesindäki möhüm meseleleriň çözgüdinde hem işjeň we ynamly hyzmatdaşlygyny görkezýär. Sebitara hyzmatdaşlygyň täze sahypasy Awazada açylar – ösüşiň we hyzmatdaşlygyň täze eýýamy başlaýar.

# KOREÝ KOMPANIÝASY TÜRKMENISTANDAKY ORNUNY BERKIDÝÄR

«Daewoo Engineering & Construction Co., Ltd» koreý kompaniýasynyň müdiriýetiniň başlygy Jong Won-ju 26-30-njy iýun aralygynda täze işewürlik mümkinçiliklerini ara alyp maslahatlaşmak hem-de kompaniýanyň Merkezi Aziýa bazaryndaky ornuny pugtalandyrmak maksady bilen Türkmenistanda saparda boldy. Bu barada kompaniýanyň metbugat beýanatynda bellenilip geçilýär.

Koreýa Respublikasynyň iri kompaniýasynyň ýolbaşçysy bu saparynyň çäklerinde Türkmenistanyň Prezidenti hem-de türkmen halkynyň Milli Lideri bilen duşuşdy. Koreý işewüri özüniň ýolbaşçylyk edýän kompaniýasyna Türkmenabatdaky himiýa zawodynda mineral dökünleri öndürýän toplumy gurmak işine gatnaşmaga döredilen mümkinçilik üçin hoşallyk bildirip, bu taslamany üstünlikli tamamlamaga ygrarlydyklaryny tassyklady.

Jong Won-ju bu saparynyň çäklerinde gaz ýataklaryny özleşdirmek, nebithimiýa toplumlaryny gurmak, şeýle hem demirýol ulgamynda hyzmatdaşlyk etmek, iri şähergurluşyk we köpgatly binalaryň gurluşygy ýaly taslamalara gatnaşmak mümkinçiliklerini ara



alyp maslahatlaşdy.

Koreý kompaniýasynyň müdiriýetiniň başlygy Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Baýmyrat Annamämmedow bilen duşuşykda mineral dökünleri öndürýän toplumy gurmak taslamasyny maslahatlaşyp, başga birnäçe infrastruktura taslamalaryna gatnaşmaga bolan gyzyklanmasyny beýan etdi. Koreý işewüri şeýle hem Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Batyr Amanow, "Türkmengaz" döwlet konserniniň başlygy Maksat Babaýew bilen gaz ýataklaryny özleşdirmek taslamalary boýunça pikir alyşdy.

Şeýle hem koreý tarapy Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Hojamyrat Geldimyradow hem-de Koreýa Respublikasynyň Türkmenistandaky ilçisi Ji Kýu Tek bilen duşuşdy. Koreý işewüri Türkmenistanyň öz kompaniýasy üçin strategik bazar bolup durýandygyny belläp, öz iş ugurlarynyň gerimini giňeltmäge gyzyklanma bildirýändigini belledi.

# TÜRKMENISTANDA ILKINJI GEZEK GARAGULAGYŇ ÇAGASY SURATA DÜŞÜRILDI

**Türkmenistanyň çäginde ilkinji gezek garagulagyň çagasy surata düşürildi. Ýabany tebigatda möhüm açyş hökmünde hasaba alnan bu taryhy pursat Garabogazköl howdanynda oturdylan surata alyjy duzaklara düşdi. Surata düşürmek işleri Şotlandiýanyň Patyşalyk Zoologiýa jemgyýeti (Royal Zoological Society of Scotland, RZSS) bilen "Conservation X Labs" başlangyjynyň bir bölegi bolan tebigaty goramak bilen meşgullanýan "Team Bars Turkmenistan" türkmen guramasy tarapyndan amala aşyryldy.**



**Bu waka garagulagyň Türkmenistanda köpelişiniň ilkinji resmi subutnamasy boldy. Şeýle hem bu ýer bu haýwanyň ýurdumyzda resmi taýdan hasaba alnan iň demirgazyk ýaşaýyş nokady hökmünde bellendi diýip, tebigaty goramak boýunça hünärmen Kasýa Ruta belleýär.**

**Garagulak – ýabany pişikleriň maşgalasyndan bolup, gizlin ýaşaýyş ýörelgesi bilen tanalýar. Bedeni inçe we ýumşak, altyn-gyrmyzy reňkli gysga ýüň bilen örtülen. Gulaklarynda çykyp duran özboluşly gotazjyk bilen tanalýan garagulak pişikler maşgalasynyň iň ýaşyryn gezýän wekilleriniň biridir. Merkezi Aziýada bu haýwan juda seýrek duş gelýär, onuň köpelişi baradaky maglumat bolsa uzak wagtlap alymlar üçin syrly bolup galypdy. Garagulak ekoulgamda möhüm orny eýeleýär – ol ownuk süýdemdiriji haýwanlary we guşlary awlaýar, bu bolsa ony sebitde ekologiýanyň durnuklylygynyň görkezijisi hökmünde möhüm ähmiýetli edýär.**

**Garagulaklar ýylyň dowamynda islendik wagtynda jübütleşip bilýärler, emma köplenç oktýabr-fewral aralygynda köpelýärler. Göwrelilik döwri 70–80 gün dowam edýär. Garagulagyň ömri 15–20 ýyl aralygyndadyr.**

**Genetiki barlaglar garagulagyň afrikan altyn pişigi we serwal bilen genetiki taýdan ýakyn gatnaşykdadygyny görkezýär – olar takmynan 5,4 million ýyl ozal umumy ata-babadan dörän.**

# ÖZBEGISTAN BILEN AZERBAÝJAN SÖWDA DOLANYŞYGYNY 1 MILLIARD DOLLARA ÝETIRER

**Özbegistanyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew Azerbaýjan Respublikasynda döwlet saparynda boldy. 2-4-nji iýul aralygynda amala aşyrylan bu saparyň çäklerinde geçirilen gepleşikleriň netijeleri boýunça**



**iki ýurduň arasyndaky söwdanyň möçberini 1 milliard dollara ýetirmek babatda ylalaşyldy.**

**Özbegistanyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew Baku şäherinde Azerbaýjan Respublikasynyň Prezidenti Ilham Aliýew bilen duşuşdy. Iki ýurduň arasyndaky syýasy, söwda-ykdysady hem-de medeni-ynsanperwer ugurlaryndaky hyzmatdaşlygyň giň gerimi ara alnyp maslahatlaşyldy. Şeýle hem iki ýurduň döwlet Baştutanlarynyň gatnaşmagynda Özbegistan-Azerbaýjan ýokary döwletara geňeşiniň mejlisi geçirildi.**

**Gepleşikleriň jemleri boýunça birnäçe möhüm ylalaşyklara gol çekildi. Şolaryň hatarynda 2025–2026-njy ýyllar üçin senagat hyzmatdaşlygy maksatnamasy hem-de 2030-njy ýyla çenli söwda dolanyşygyny 1 milliard dollara çenli ýokarlandyrmak üçin maksatnama bar.**

**Iki ýurduň arasyndaky özara söwdanyň möçberi soňky 8 ýylda 7,8 esse artdy we 2024-nji ýylda 253 million dollara deň boldy. Özbegistanyň Azerbaýjana eksporty 7,5 esse artdy we 208 million dollar, import 9 esse artdy we geçen ýyl 45 million dollara barabar boldy.**

### BAKUDA "ÖZBEGISTAN" SEÝILGÄHI GURLAR

**Bu saparyň çäklerinde Baku şäherinde "Özbegistan" seýilgähiniň gurluşygynyň düýbi tutuldy. Şawkat Mirziýoýewiň hem-de Ilham Aliýewiň gatnaşmagynda düýbi tutulan seýilgähiň meýdany 5 gektara deň bolar.**

**"Özbegistan" seýilgähi giň gerimli medeni we dynç-alyş taslamasydyr. Özbegistanyň baý taryhyny, binagärligini we medeniýetini, şol sanda Daşkent, Samarkant, Buhara, Hywa we Kokand ýaly özboluşly şäherleriň özboluşly binagärligi dörediler. 5 gektar meýdany tutjak seýilgäh Özbegistanyň kartasy görnüşinde gurlar. Şeýle hem muzeý, kinoteatr, amfiteatr, diň, restoran we kafe bolar, bu ýerde Özbegistanyň milli aşhanasynyň nusgalary hödürlener, söwda meýdançasy, ýadygärlik we sowgatlyk dükanlary, haýwanat bagy we myhmanhana bolar. Seýilgähiň esasy binalary Buharanyň, Samarkandyň we Hywanyň binagärlik mysallarynda bolar.**

# SAIDA MIRZIÝOÝEWA ÖZBEGISTANYŇ PREZIDENT ADMINISTRASIÝASYNYŇ BAŞLYGY BOLDY

Özbegistanyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýewiň gyzy Saida Mirziýoýewa täze wezipä eýe boldy.

– Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň permany bilen Prezident administrasiýasynyň gurluşyna üýtgeşmeler girizilip, Prezident administrasiýasynyň başlygy wezipesi girizildi. "Özbegistan Respublikasynyň Prezident administrasiýasynyň başlygy wezipesine Mirziýoýewa Saida Şawkatowna bellendi" diýip, Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň metbugat sekretary Şerzod Asadow aýtdy.



S.Mirziýoýewa Daşkendiň Dünýä ykdysadyýeti we diplomatiýasy uniwersitetini tamamlady, şeýle-de Daşkentiň döwlet hukuk uniwersitetiniň we Lomonosow adyndaky Moskwanyň döwlet uniwersitetiniň magistri we ykdysady ylymlaryň kandidatydyr.

2023-nji ýylyň awgust aýyndan bäri Saida Mirziýoýewa Prezidentiň kömekçisi wezipesini ýerine ýetirýärdi we ondan ozal, 2022-nji ýylyň noýabr aýyndan bäri Prezident administrasiýasynyň ýerine ýetiriji diwanynyň aragatnaşyk we maglumat syýasaty pudagyna ýolbaşçylyk edýärdi.

# «Arkadag» topary çempionatynyň ikinji aýlawyny birinji orunda tamamlady

«Arkadag» topary Türkmenistanyň futbol çempionatynyň ikinji aýlawynyň jemi boýunça toplan 42 utugy bilen birinji orny eýeledi. Arkadag şäheriniň adybir topary ikinji orunda barýan "Ahal" toparyndan 14 utuk köp toplamagy başardy.

Şu gün, 27-nji iýunda 10-njy tapgyryň wagty süýşürilen duşuşygynda "Arkadag" topary öz meýdanynda paýtagtymyzyň "Altyn Asyryny" 7:3 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi.

Şeýlelikde iki aýlawyň jemi boýunça 42 utuk toplan "Arkadag" topary ynamly birinji orny eýeleýär. Ikinji orunda 28 utuk toplan "Ahal" topary ornaşdy.

Türkmenistanyň futbol çempionatynyň üçünji aýlawyna şu ýylyň awgust aýynda badalga berler.

**10-NJY TAPGYRYŇ WAGTY SÜÝŞÜRILEN DUŞUŞYGY:**
**"Arkadag" – "Altyn Asyr" – 7:3**
**Gollar:** 18 Altymyrat Annadurdyýew, 21, 35 Begenç Akmämmedow, 37 Şanazar Tirkişow, 46 Şöhrat Söýünow (öz derwezesine), 61 Şamämmet Hydyrow, 72 (11 m.j.u.) Didar Durdyýew ("Arkadag") – 25 Süleýman Muhadow, 53 Rahman Myratberdiýew, 68 Weýisgeldi Orazdurdyýew ("Altyn Asyr")

**Geçirilen ýeri:** "Arkadag" st. (Arkadag ş. )
**Duşuşygyň emini:** A.Goşşanow (Tejen ş.)
**Kömekçi eminler:** H.Abdiýazow (Daşoguz ş.), W.Boluýans (Türkmenabat ş.)
**Ätiýaçdaky emin:** M.Berenow (Balkanabat ş.)
**Gözegçi emin:** H.Rejepow (Aşgabat ş.)

**TÜRKMENISTANYŇ MILLI ÇEMPIONATY**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | GOL | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | «ARKADAG» FK | 14 | 14 | 0 | 0 | 55-7 | 42 |
| 2 | «AHAL» FK | 14 | 9 | 1 | 4 | 29-14 | 28 |
| 3 | «ALTYN ASYR» FK | 14 | 8 | 1 | 5 | 21-19 | 25 |
| 4 | «ŞAGADAM» FK | 14 | 7 | 4 | 3 | 18-17 | 25 |
| 5 | «NEBITÇI» FK | 14 | 4 | 3 | 7 | 8-11 | 15 |
| 6 | «AŞGABAT» FK | 14 | 3 | 2 | 9 | 11-30 | 11 |
| 7 | «MERW» FK | 14 | 2 | 3 | 9 | 7-24 | 9 |
| 8 | «KÖPETDAG» FK | 14 | 1 | 2 | 11 | 7-34 | 5 |

# Ýaş ispan hüjümçi "Monakoda" oýnar

Meşhur argentin ýyldyz Lionel Messä meňzedilen ýaş futbolçylaryň biri bolan Ansu Fati Fransiýanyň "Monako" toparyna geçdi. Bu barada toparyň resmi saýty habar berýär.




22 ýaşyndaky futbolçy Ispaniýanyň "Barselona" toparyndan bir möwsüm üçin kärendesine alyndy. Soňlugy bilen futbolçyny satyn almak hem göz öňünde tutulýar.

Ispan toparynyň düzüminde ýetişen bu futbolçy 16 ýaşynda 2019-njy ýyldan bäri ýokary ligada çykyş edýär we şol ýylyň 10-njy dekabrynda Çempionlar ligasynyň duşuşygynda "Inter" toparynyň derwezesine gol geçirip, Çempionlar ligasynda gol geçiren iň ýaş futbolçy boulpdy.

Fati "Barselona" toparynyň düzüminde 123 duşuşykda oýnady we bu topar bilen 2 gezek Ispaniýanyň çempiony boldy, 2 gezekden Ispaniýanyň Kubogyny hem-de Superkubogyny gazandy. Ansu Fati Ispaniýanyň milli ýygyndysy bilen 10 duşuşykda oýnady.

# Pol Pogba "Monako" topary bilen şertnama baglaşdy

Doping düzgünlerini bozandygy üçin ilkibaşda 4 ýyl futboldan daşlaşdyrylan we soňra bu jerimesi azaldylan Fransiýanyň milli ýygyndysy bilen dünýä çempiony bolan Pol Pogba "Monako" topary bilen şertnama baglaşdy. Bu barada fransuz toparynyň metbugat gullugy habar berýär.



Fransuz ýarygoragçy bilen 2027-nji ýylyň 30-njy iýunyna çenli şertnama baglaşyldy.

32 ýaşyndaky Pogba 2018-nji ýylda dünýä çempiony boly, 2016-njy ýylda Ýewropa çempionatynyň kümüş medalynyň eýesidir. Ol futbol durmuşynda Italiýanyň "Ýuwentus" hem-de Angliýanyň "Mançester Ýunaýted" toparlarynda çykyş etdi.

Ol italýan toparynda oýnan döwründe görkezen netijeli oýny bilen köp toparlaryň ünsüni çekdi. Bu topar bilen 4 gezek Italiýanyň çempiony boldy, 3 gezek Superkubogy we 2 gezek Kubogyny gazandy.

# Çagalar we gelejek: Innowasiýalaryň sergisi

2025-nji ýylyň 21-23-nji awgust aralygynda Aşgabat şäherinde Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasynda giňden garaşylýan : "Kids Expo:Ähli zat çagalar üçin" atly Halkara sergi-ýarmarkasy geçiriler. Bu sergi, çagalar üçin önümçilik, innowasiýa we tehnologiýa ugurlaryny görkezmek maksady bilen döredildi.

KIDS EXPO TURKMENISTAN
ВЫСТАВКА-ЯРМАРКА "ВСЁ ДЛЯ ДЕТЕЙ"

Serginiň maksady çagalar we olaryň enesi, atasy üçin köp sanly täze we peýdaly önümleri, hyzmatlary we çözgütleri üpjün etmekdir. "Kids Expo" giňişleýin derejeler boýunça, şol sanda çagalar üçin mebel, oýunlar, bilim serişdeleri, sport we saglyk önümleri we beýleki taslamalary öz içine alar. Serginiň dowamynda ýörite okuw çäreleri, interaktiw oýunlar, bilim we oýun görnüşli çäreler hem guralar. Şonuň ýaly-da çagalar üçin täzelikler we innowasiýalar görkeziler, bu bolsa ýurdumyzyň jemgyýetçilik durmuşyny we çagalar üçin täze mümkinçilikleri döretmäge uly itergi berer.

Bu sergi, çagalaryň durmuşda möhüm orny bolandygyny we olaryň ösüşine oňat mümkinçilikler döretmegiň ähmiýetini görkezýär. Bu çäre ýurdumyzyň we halkara ykdysadyýetiniň we işewürligiň täze ugurlaryna göz aýlamak üçin amatly şertleri döredýär.

# Pekinde robotlaryň arasynda ilkinji futbol duşuşygy geçirildi

Pekiniň senagat zolagynda adaty bolmadyk futbol oýny bolup geçdi: meýdançada humanoid robotlar oýnady. Duşuşyk 5: 3 hasabynda tamamlandy we robotlaryň oýny gaty haýal amala aşyrylandygyna garamazdan, esasy maksat tomaşa üçin däl-de, tehnologiýanyň ösüşini görkezmekden ybaratdyr. Duşuşykda her toparda 3 robot gatnaşdyryldy. Robotlar, adam gatyşmazdan hereketlerine gözegçilik edýän emeli intellekt algoritmleri bilen enjamlaşdyryldy.



Oýna Hytaýyň öňdebaryjy uniwersitetleriniň – Sinhua uniwersitetiniň we Pekin maglumat tehnologiýa uniwersitetiniň toparlary gatnaşdy. Sinhua uniwersitetiniň topary ýeňiş gazandy. Bu futbol duşuşygy Hytaýyň 2025-nji ýylyň 15-17-nji awgustynda Pekinde geçirmegi meýilleşdirýän Bütindünýä robot oýunlarynyň başlangyjy boldy. Bu maksatnama gimnastika, ýeňil atletika we futbol ýaly 11 sport görnüşini girizildi.

# Russiýa özüniň "Messenger" ulgamyny döredýär

Russiýa Federasiýasynyň Prezidenti Wladimir Putin rus "Messenger" ulgamyny goldamak üçin Russiýanyň hökümetine degişli tabşyryklary berdi. Şeýle hem Putin bu ulgamy döwlet we bank hyzmaty bilen birleşdirmegiň maksadalaýyk boljakdygyny belledi.

– Milli onlaýn hat-habar alyş çalşygy "Messenger" programmasyny we mobil goşundysyny goldamak işini guramak teklip edildi – diýip, Kremliň resmi saýtynda çap edilen beýanatda bellenilýär. Prezident Putin bu ulgamy döretmek bilen karz berji guramalaryň hyzmatlary hem-de bu ugurdaky döwlet hyzmatlaryna elýeterliligi üpjünt etmegiň möhümdigini belledi. Russiýanyň Prezidenti bu ugurda 2025-nji ýylyň 15-nji awgustyna çenli degişli tekliplerin taýýarlanmagyny tabşyrdy. Köp funksiýaly sanly platformany döretmek hakyndaky kanun taslamasy ýurduň döwlet Dumasy tarapyndan 10-njy iýunda kabul edildi. Şeýle hem snaly platforma üçin "Max" messenjer ulgamy dalaşgär görkezildi. Bu ulgam "VK" tarapyndan döredildi. Russiýanyň "Max" messenjer ulgamy "WeChat" ulgamyna alternatiwa hökmünde kabul edilýär. Onda hat alyşmak, jaňlaşmak, kiçi goşundylar ýaly funksiýalar hereket edýär.

# Hytaýyň programma üpjünçiligi pudagynyň girdejisi 11,2% ýokarlandy

Hytaýyň programma üpjünçiligi kompaniýalary 2025-nji ýylyň ilkinji bäş aýynda 5,58 trillion ýewro (778 milliard dollar) girdeji gazandy, bu bolsa geçen ýyl bilen deňeşdirilende 11,2 göterim ýokarlandy. Bu barada Hytaý Halk Respublikasynyň Senagat we maglumat tehnologiýasy ministrligi habar berdi. Ilkinji bäş aýda pudagyň umumy girdejisi 672,1 milliard ýewro (94 milliard dollar) boldy, bu bolsa geçen ýyl bilen deňeşdirilende 12,8 göterim köpeldi.



Maglumat tehnologiýasy hyzmatlaryndan alnan girdeji 3,8 trillion ýewro (532 milliard dollar) bolup, bir ýyl ozalkydan 12% köpdi. Bu mukdar pudagyň girdejisiniň üçden iki bölegini düzýär. Bulut hasaplaýyş we uly maglumat ulgamlarynyň kömegi bilen bu pudak 585,5 milliard ýewro (82 milliard dollar) gazandy. Programma üpjünçiligi pudagy Hytaýda iň çalt ösýän ýurtlaryň biridir. 2024-nji ýylda bu pudakdaky kompaniýalar 13,73 trillion funt (1,92 trillion dollar) gazandy. 2010-njy ýyldan 2024-nji ýyla çenli senagat girdejisi 10 esse artdy.

# Tramp atyrlaryny mahabat etdi

ABŞ-nyň Prezidenti Donald Trump 2016-njy we 2024-nji ýyllarda geçirilen prezident saýlawlarynda gazanan ýeňişlerine bagyşlanan iki sany atyryny hödürledi.

"Trumpyň ysy eýýäm şu ýerde. Olara "Ýeňiş 45-47" diýilýär. Olar hem erkekler hem-de zenanlar üçindir we ýeňiş, güýç we üstünligi alamatlandyrýar. Özüňize we ýakynlaryňyz üçin birini satyn almagy ýatdan çykarmaň. Lezzet alyň, hezil ediň we ýeňiş gazanmagy dowam ediň!" – diýip, Donald Tramp bu barada özüniň jemgyýetçilik torundan habar berdi.




Hoşboý yslaryň bahasy 199 dollardan 249 dollar aralygyndadyr.

# Rekord derejede yssy howa

Şu günler Ýewropanyň beýleki ýerlerinde bolşy ýaly, Ispaniýada hem yssy howa höküm sürýär. Güneşli ýurduň Portugaliýanyň serhedine golaý bolan Uelwa şäherinde termometrler 46 derejäni görkezdi. Meteorologlar bu görkezijiniň iýun aýy üçin täze rekorddygyny belleýärler. Ýurduň Meteorologiýa edarasynyň maglumatyna görä, mundan ozalky rekord 1965 ýylda Sewiliýada hasaba alnypdyr. Şonda termometriň sanlary 45,2 derejäni görkezipdir. Aşa yssy howa Angliýa, Fransiýa, Italiýa, Portugaliýa Gresiýa ýaly beýleki Ýewropa ýurtlarynda hem dowam edýär.



Angliýanyň Meteorologiýa edarasy ýurduň dürli ýerlerinde howanyň temperaturasynyň 35 derejä çenli ýetip biljekdigini çaklady

# Aşa yssy sebäpli Fransiýada 1300-den gowrak mekdep ýapylýar

Fransiýada 1300-den gowrak döwlet mekdebi aşa yssy howa sebäpli 1-nji iýulda ýapylar. Bu barada neşirler habar berýär.

"1-nji iýuldan 45000-den 1350 töweregi döwlet mekdebi bölekleýin ýa-da doly ýapylar. Adatdan daşary yssy howa çaklamasy sebäpli dýapyljak mekdepleriň sany iki esse artdy" -diýlip bellenilýär.



Meteorologiýa gullugy Pariž basseýnini goşmak bilen ýurduň 16 sebitinde aşa yssy howa ýagdaýy emele geldi. 1-nji iýul käbir ýerlerde howanyň temperaturasy 41 gradusa ýetmegi bilen döwrüň iň yssy güni bolar diýlip garaşylýar.

"Bloomberg" -iň habar berşi ýaly Günbatar Ýewropa ýurtlarynda emele gelen adaty bolmadyk yssy ýakyn günlerde iň ýokary derejesine ýeter. Neşiriň pikirçe, şeýle ýokary temperatura elektrik torlaryna howp salýar.

# Fransiýada jemgyýetçilik ýerlerinde çilim çekmek gadagan edildi

Fransiýada jemgyýetçilik ýerlerinde çilim çekmek gadagan edildi. Bu ugurda ýüze çykan düzgün bozulmalar üçin 135 ýewro çenli jerime göz öňünde tutuldy. Çäklendirmeler jemgyýetçilik ulaglaryny, seýilgähleri, deňiz kenarlaryny, kitaphanalary we mekdepleri öz içine alýar. Bu çäre, esasan, çagalary passiw çilim çekmekden goramaga gönükdirilendir. Hökümetiň esasy maksady 2032-nji ýyla çenli çilimkeşleriň sanyny 5% -e çenli azaltmak.



Fransiýanyň Saglygy goraýyş ministrliginiň habaryna görä, ýurtda her ýyl çilim çekmegiň netijesinde 75 müňe golaý adam aradan çykýar. Zyýanly endikleriň umumy zyýany ýylda 176 milliard dollardan geçýär diýip, habar berilýär.